# Hytaýda emeli ahalteke aty dünýä inipdir

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hytaýda emeli ahalteke aty dünýä inipdir HYTAÝDA AHALTEKE ATY DÜNÝÄ INIPDIR



Habarlary okap otyrkam gyzykly bir täzelige gözüm düşdi. Hytaýda emeli ýollar arkaly türkmen bedewi dogulypdyr. Hytaýlylar öňem birgiden zady emeli usulda öndüripdiler. Meselem et, pomidor agajy we şoňa meňzeşler.
Şinjan-Uýgur awtonom raýonunda 11 aý mundan öň Ili görnüşli Hytaý atyna ahalteke bedewiniň embriony implantasiýa edilipdir. Ýaňy-ýakynda bolsa şolardan iki taý dünýä indi. Taýlaryň saglyk ýagdaýy gowumyş we olar ýaşasa dünýäde emeli usullar arkaly dünýä gelen ilkinji ahalteke atlary hasaplanar. Bu atlaryň öndürilmegine Halkara Ahalteke atlary assosasiýasy

näme diýer biljek däl. Sebäbi bu assosasiýa Türkmenistandaky atlaryňam köpüsiniň arassadygyna şübhe bildirýär. Ýöne hytaýlylar doglan taýlaryň sap ahaltekedigine ýürekden ynanýarlar.
Ýeri gelende aýtmaly bolsa, ahalteke atlary owadanlygy we ýyndamlygy bilen tanalýar. Wikipediýadaky maglumatlara görä bu atlaryň 3.000 ýyllyk taryhy bar we adamlardan tarapyndan ilkinji eldekileşdirilen at görnüşi eken. Öňler Nusaý atlary hökmünde tanalan türkmen bedewleri arap we iňlis ýaryş atlarynyň hem atalary hasaplanýan eken.
Ahaltekeleriň arassalygyny goramak häzirki wagt uly mesele. Russiýada ahalteke atlarynyň sanawy ýazylan ýörite studbuk bar. Eger at şol sanawdaky atlaryň neslinden bolsa onda ol arassa hasaplanýar. Gynansagam, Türkmenistandaky hiç bir at ol sanawda däl. Munuň sebäbi Türkmenistandaky atlaryň birwagtlar iňlis atlarynyň gany bilen garyşdyrylmagynda. Çaklamalara görä, Türkmenistandaky ahaltekeleriň 30%-i sap däl.

- **Studbuk näme zat, nämüçin döredildi?**

Geçen asyryň başlarynda türkmen bedewleriniň tizligini artdyrmak maksady bilen iňlis atlarynyň tohumlary bilen garyşdyryldy. Netijede anglo-ahalteke atlary dünýä geldi. 1935-nji ýylda bolsa Aşgabatdan Moskwa çenli atly ýörişi gurnaldy. Şol ýörişde arassa ahalteke atlary anglo-ahaltekelere görä has gowy netije görkezdiler. Hat-da anglo-ahaltekeleriň köpüsi öldi. Muny gören ruslar ahaltekeleriň arassa tohumyny goramak üçin herekete geçdiler we arassa ganly atlaryň sanawyny düzdüler. Şondan bäri studbuk sanawy ýöredilip gelinýär.

@ Ortanjy, WordPress, 13.06.2014 ý.

# Internetden alyndy. Geň-taňsy wakalar